# Palestinaly şahyr Muin Bsisuwyñ ýadygärligine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Palestinaly şahyr Muin Bsisuwyñ ýadygärligine PALESTINALY ŞAHYR MUIN BSISUWYÑ ÝADYGÄRLIGINE




Hemmeler bir Enäň – Watan perzendi,
Eneler balasyn tutmaýar ala.
Baryna deň garýar
Deň görýär baryn,
Baryn birden bagra basýar hamala.
Herhal şahyr ogly gelende dünýä,
Ýygyp goýmasa-da ter gül dessesin,
Giden wagty üýtgeşik oň örtenşi…
Aýdar-diýer, ýaly däl oň gussasyn…

Şol gussany eşidip,
Kalba ot düşýär,
Öz derdi hem, oňa ýeterlik bilseň.
Sen baka gitmäňem üstüne boldy,
Zada eli deger ýaly däl ýogsam.

Senem aýdym bolup aýlanýaň ýurda,
Göreşe çagyryp halky her ýerde.
Her bir sözüň derman bolup ýaňlanýar
Müň derde.

Ýandyrlan obalaň dirilip bu gün,
Galkynyp tirsegne tozdurlan diýar,
Seni aýdym edip göreşe çykýar,
Her palestinalyň kalbynda sen bar.

Seni gujagynda saklady ýurduň,
Senem gezdiň onuň halyny sorap.
…Şahyr juda mätäç Watan mährine,
Watanam şahyra mätäç şonçarak.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular